# Ikiýüzli intelligensiýa bu kitaby okasyn!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ikiýüzli intelligensiýa bu kitaby okasyn! IKIÝÜZLI INTELLIGENSIÝA BU KITABY OKASYN!

Russiýanyñ Ukrainada Donbas bilen başlan okkupasiýasynyñ üçünji güni… Putiniñ tanklary, uçarlaryñ Kiýewiñ alkymynda! NATO, ýagny ABŞ we Ýewropa bileleşigine (ÝB) girýän ýurtlar ýeke taşlan Ukrainalaryny synlaýar… Russiýanyñ üstünden «imperializmiñ» nämedigini bilenleriñ teswirlerini diñledigimçe we ýazgylaryny okadygymça elimdäki kitabyñ has-da ähmiýetinjñ artandygyny gördüm. Kyrk dört ýyllap dünýäniñ dürli künjünde möhüm reportažlary alan, döwlet agdarlyşyklaryna şaýat bolan we agdarlyşyklary fotosurata düşürip, liderleri bilen görüşen žurnalist Nur Baturyñ «Kırmızı Kedi» neşirýatynda çapdan çykan «Ýakyn Gündogaryñ şalary, wezirleri we pyýadalary» ("Ortadoğu'nun Şahları, Vezirleri ve Piyonları») kitaby meni alagetdin 11 ýyl yza äkitdi. Nämüçinmi? Şumat Russiýa-Ukraina meselesiniñ üstünden «demokratiýa» takalyny okaýanlaryñ 2011-nji ýylda niçiksi «bombasöýüji» bolandygyna ýene bir gezek göz ýetirdim.

**2011-nji ýylyñ 15-nji fewraly…**

Bengazi şäherinde Liwiýanyñ lideri Muammar Kaddafä garşy ilkinji tolgunşyklar başlady, tolgunşyklar artdygyça ýurt möçberinde ýaýramaga başlady we yzyndan Tripolä syçrady. «Arap baharynyñ» täsiri bilen ýurtda içerki gapma-garşylyk turdy. 2011-nji ýylyñ 23-nji awgustynda Tripoliniñ eyelenmegi bilen Kaddafi režimi ýykyldy.
Kaddafi 2011-nji ýylyñ 20-nji oktýabrynda Sirtede NATO goldawly Döwlet Wagtlaýyn geñeşiniñ goşun bölümi tarapyndan ele salnyp, gözgyny ýagdaýda linç edildi we ahyrynda atyldy.

Bir seller jesedini görene göz edip goýdular. Kim islese jesedi surata alyp ýa-da wideoýazga düşürip bilýärdi.

- **Bombalara alkyş okan intelligensiýa!**

Nur Batur kitabynda şu sowala jogap gözläpdir: «Imperializme garşy baýdak göteren arap nasionalisti nädip diktator boldy?»
Okalyň:
…2012-nji ýylyň 3-nji noýabry. Ýene Tripolide. Muammar Kaddafiniň birnäçe sagatlap gürlän gala diwarlarynyň üstüne çykdym. Müňlerçe liwiýaly hamala ýene gygyryşýan ýalydy: «Ýa Alla, ýa Muammar! Ýa Alla, ýa Muammar!» Göýä 32 ýyl öň Kaddafini diňlän 1-nji sentýabr agşamyna dolanyp gelen ýalydym. Gala diwarlarynyň üstünden seredenimde, göz açyp-ýumasy salymda birnäçe kilometr uzaklykda Sirtede bolup geçen eýmenç wakanyň pursatlary kino lentasy ýaly gözlerimiň öňünden geçmäge durdy. Göýä iňlis istrebitelleri 100 awtoulaglyk bir konwoýyň üstünden uçup barýan ýalydy. Gözýetimden fransuz bombalaýjy istrebitelleri göründi. Hem amerikan «Predator» uçarmansyz uçary! Dem salymdan asmandan bombalar ýagmaga başlady. Konwoýdaky awtoulaglar saga-sola gaçyşýardy. Kaddafi goragçylary bilen birlikde ýoluň asgyndaky drenaž geçirijileriň içinde gizlendi. Topalaňçylar tizara ony tapdylar. Daşyna üýşdüler. Kaddafi gara gana boýalyp ýerde ýatyrdy. Ýalbarýardy: «Beýtmäň. Edýän işiňiz yslamda haramdyr. Men siziň ataňyz ahwetin!..» Ýer-gök «Allahu ekber!» sesleri bilen iňleýärdi. Gahar-gazaba eýlenen jemende ýere düşen Kaddafini aldygyna ýençýärdi. Gözi gapylan azgyn jemende Kaddafiniň gara gana gark bolan jansyz bedeniniň goly diýmän, aýagy diýmän eýläk-beýläk çekeleýärdi. Kaddafiniň linç edilişini we ýalaňaç jesediniň köçeleriň ugrunda süýrelip, dört günläp sowadyjyda ýatmagyny bütin dünýä ýakasyny tutup tomaşa etdi. Toba, neneňsi ýigrenç, niçiksi gahar-gazapdy bu!..
Ine, şol günlerde NATO-nyň «bombalaryna» alkyş okanlaryň häzirki gün berýän düşündirişleriniň nähili «aldawçydygyny» gördüm.

- **ABD-nyň saýlan lideri…**

Ine-de, Kaddafiniň ýerine gelen «lideriň» portreti. «Ýakyn Gündogaryň şalary, wezirleri we pyýadalary» kitaby hut şu lidere ýazylypdyr. Söz Nur Baturda:
Rewolýusiýanyň lideri Mustapa Abdyljelildi. Ol Liwiýanyň iki güýçli adamyndan biridi. Beýlekisi Mahmyt Jibril. Bul ikisi Kaddafini egin-egme berip agdarypdylar. Jibril Wagtlaýyn geňeşiň premýer-ministridi, ýöne geňeşiň başlygy Abdyljelil oňa garanda güýçlüdi. Abdyljelil Liwiýa uniwersitetinde şerigat hukugyny okan kazydy. Dünýä onuň adyny Bengazide tolgunşyk başlan güni eşitdi. Emma ABŞ ony Kaddafi agdarylmazdan dört ýyl öň 2007-nji ýylda Adalat ministrligine bellenen wagtynda tanap goýupdy. Nädip diýýäňizmi? ABŞ dünýäde syýasatyň we jemgyýetiň pulsuny yzygiderli elinde saklaýar we potansial liderleri çeňňegine ildirip goýýar. Uzagyndan ýurtlarynyň dolandyryş apparatyna gelme mümkinçiligi bolan ýaşlara amerikan uniwersitetlerinde bilim berýär. Syýasat, biznes we ylmy jemgyýetçilik bilenem ýakyndan gyzyklanýar we amerikan sistemasyna düşünmegi aňsatlaşdyryp biljek maksatnamalarda, taslamalarda işlemegini üpjün edýär. Şeýdibem dünýädäki syýasy, ykdysady, jemgyýetçilik üýtgeşmeleri ABŞ-nyň döwlet bähbidine görä sazlamaga we dolandyrmaga jan edýär. Abdyljelilem bularyň arasyndady…

**NETIJE**: Häzir… Russiýany tankyt topuna tutup, NATO-ABŞ-ny goldaýanlar Wýetnamda, Yrakda, Liwiýada, Siriýada nämüçin ol uçarlara salama durandyklaryny aýdyp berenoklar?

Aýtunç ERKİN.

«SÖZCÜ» gazeti, 26.02.2022 ý. Publisistika